# Özüni ilki Isa Mesih, soñra Deçjal diýip yglan etdi!

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Özüni ilki Isa Mesih, soñra Deçjal diýip yglan etdi!

ÖZÜNI ILKI ISA MESIH, SOÑRA DEÇJAL DIÝIP YGLAN ETDI!

ABŞ-nyñ Florida ştatynyñ ýaşaýjysy ruhany Žoze Luis De Žesus Miranda özüni Isa pygamber diýip yglan edip: "Men ýer ýüzüne ikinji gezek gelen Isa Mesihdirin. Adamzada parahatçylyk getirdim" diýip çykyş etdi.
Porto-Rikoda doglan Miranda oratorlyk ukybyny ulanyp eden çykyşlary arkaly özüne 100 müñ şägirt toplamagy başardy we "Ulalýan Lutif buthanasyny" gurdy. Miranda has soñra has başga hili manýowr edip, özüniñ Isa Mesih däl-de, Deçjaldygyny aýan etdi. Şägirtleri bolsa onuñ Deçjaldygyna ynanyp goşarlaryna Deçjaly alamatlandyrýan "666" tatiurowkasyny basdyrdylar.
Miranda şägirtleri bilen bilelikde häzire çenli Watikana garşy guralan iñ uly mitinge guramaçylyk etdi. Ýigrimi alty ýurtda 100 müñden gowrak mirandaçy şägirt mitinglere aktiw gatnaşdy.
Miranda "Kyýamat gününe çenli adamlary erbetlige iterjekdigine ynanylan Deçjalyñ aslynda pikir edilşi ýaly erbet däldigini" aýdyp, "Şeýtanam ýok, günä-de ýok. Deçjalyñ düýp maksady hemme erbetligiñ garamaýak halky ezýänleriñ özünden çykýandygyny subut etmekdir. Goý, Watikanyñ häkimiýeti-de soñlandyrylsyn" diýdi.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

Geň-taňsy wakalar